# Dünýä aşyk çöl gyzyna

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dünýä aşyk çöl gyzyna DÜNÝÄ AŞYK ÇÖL GYZYNA




*Galamdaşym Ogultäje…*
Duýduňmy sen, bu gün neçün owadan?!
Guşlar aşyk, girip täsin pyşyrda.
Siz tarapda lowurdaýar ýyldyzlar,
Şemal söýüp aýdym aýdýar daşarda –
Daglar seniň toýuň tutjak başarsa…

Duýduňmy sen, bu gün dünýä owadan,
Bişesi gelip dur süýjän üzümler.
Umytlar hem atyn çapyp barýarlar,
Saňa ýetse güllär, olar üzülmez…
Bu gün gülmän, tans oýnalman gezilmez.

Gördüňmi sen, bu gün şäher owadan,
Siz tarapda öwşün atýar çyralar.
Saňa gül getiren yşkly Pegasam,
Nepes kimin oýarmaga yralar –
Karkaramyz gupbasynda garanar.

Bir elinde galam, birinde aýna,
Galam ýazdy:r, aýna ogşar görküni.

Petirjik bişirip, süýtli çaý içip –
Goşgy ýazmak ýetirenok her kime,
Ylhamy baglapsyň yşkly örküňe!

Bu gün ne owadan – dünýä saz çalýar,
Içen barmy, «Ak guýynyň» suwundan.
Ýadyňdamy, ak çarlaklar deňizde –
Çöl gyzyna aşyk eken owaldan –
Sebäbi sen edil şu gün doguldyň…

03.06.2023. Hormat bilen O.Çaryýewa. Goşgular